# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

2021

TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY



№3/2021



**Türkmenistanyň Merkezi banky**
**Центральный банк Туркменистана**

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna**
**на 1 апреля 2021 года**

Aşgabat 2021

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ DÖWREBAPLYLYGY**
СОВРЕМЕННОСТЬ ФИНАНСОВОЙ ОТЧЁТНОСТИ
3

**MAÝA GOÝUMLAR - DÖWRÜŇ TALABY**
ИНВЕСТИЦИИ - ТРЕБОВАНИЯ ВРЕМЕНИ
8

**ÝURDUMYZDA KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGE BERILÝÄN GOLDAW**
ПОДДЕРЖКЕ МАЛОГО И СРЕДНЕГО ПРЕДПРИНИМАТЕЛЬСТВА В НАШЕЙ СТРАНЕ
13

**«OWERDRAFT» BANK HYZMATY**
БАНКОВСКАЯ УСЛУГА «ОВЕРДРАФТ»
18

**KIÇI GÖWRÜMLI KARZLARYŇ ÄHMIÝETI**
ВАЖНОЕ ЗНАЧЕНИЯ МИКРОКРЕДИТА
23

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
26

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
28

# MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ DÖWREBAPLYLYGY

Hormatly Prezidentimiziň döwlet ýolbaşçylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryna sanly ulgamy ornaşdyrmak arkaly, bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini giňden ösdürmäge we ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwletleriň hatarynda görkezmäge gönükdirilen düýpli işler amala aşyrylýar.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň geljekki ösüşi, innowasiýalara daýanýan, ösen döwrebap sanly tehnologiýalary ulanmagyň netijeliligine bagly boljakdygy sebäpli, sanlylaşdyrmagyň ösüşine aýratyn uly üns berilýär.

Milli Liderimiz: «Häzirki döwürde ulgamlarda bar bolan mümkinçilikleri has doly peýdalanmalydygyny, ylmyň we tehnologiýalaryň iň soňky gazananlary esasynda işe sanly ulgamlary giňden ornaşdyrylmalydyr» diýip belleýär.

Bu hem öz gezeginde, ýaşlaryň döwrebap innowasion sanly tehnologiýalaryndan netijeli peýdalanmaklary üçin, maliýe taýdan sowatly bolmaklaryny şertlendirýär.

Bäsdeşlik, innowasiýa we iş orunlaryny döretmek ýaly ugurlar – bularyň ählisi häzirki zaman ösen döwrebap sanly maglumat- aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ulanylmagy bilen şertlendirilýär.

Durmuş özgerýär, jemgyýetiň islegi, talaby ösýär, şunuň bilen baglylykda, täze Maksatnamalar we ony ýerine ýetirmek bilen bagly Iş meýilnamalary kabul edilýär. Döwür bilen aýakdaş gitmek, döwrüň talabyny ödemek,

# Современность финансовой отчётности

В нынешнем году эпохи могущества и счастья, проходящего под девизом «Туркменистан – Родина мира и доверия», под руководством уважаемого Президента проводится большая работа по масштабному наращиванию рыночных отношений и превращению нашей Отчизны в индустриально развитое государство посредством внедрения цифровой системы во все сегменты национальной экономики.

Особое внимание уделяется развитию цифровизации, так как дальнейшее развитие народного хозяйства нашей страны будет зависеть от эффективности использования передовых цифровых технологий, основанных на инновациях.

«Необходимо использовать в полном объёме имеющийся в настоящее время в этих сферах потенциал, широко внедрять цифровые системы, последние достижения науки и передовые технологии» – отмечает лидер нации.

Это, в свою очередь, обуславливает необходимость в повышении у молодёжи финансовой грамотности, чтобы они могли эффективно использовать инновационные цифровые технологии.

Конкуренция, создание инноваций и рабочих мест – обусловлены использованием современных передовых цифровых информационных и коммуникационных технологий.

Жизнь меняется, желания и потребности общества растут, и в связи с этим принимаются новые программы и рабочие планы по их реализации. Идти в ногу со време-

amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrülýär.

Häzirki zaman dünýäniň ösüş meýillerini häsiýetlendirýän maliýe hasabatlylygynyň döwrebap kämilleşdirilmegi - munuň özi döwrüň talabydyr. Bu işleriň durmuşa ornaşdyrylmagy bolsa, ösen islegi kanagatlandyrmagyň möhüm ugry bolup durýar. Öz gezeginde, ähli işleri göwnejaý guramaga, utgaşdyrmaga hem-de işiň netijeliligine, hiline gözegçilik etmäge ýardam edýär.

Ýurdumyzda «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyň kabul edilmegi, bu buhgalterçilik hasaba alnyşy hem-de maliýe hasabatlylygy ulgamynyň esasyny kesgitlemek bilen, buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmegiň, maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülmeginiň we tabşyrylmagynyň düzgünleri bellenildi. Şoňa laýyklykda, hojalyk subýektleri özleriniň maliýe hasabatlylygyny bu düzgünlere laýyklykda düzýärler we tabşyrýarlar.

Ýurdumyzda bu işleri durmuşa geçirmek maksady bilen, buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna geçmek boýunça çäreleriň meýilnamasy hem kabul edildi.

Şu nukdaýnazaryndan, bu geçirilmeli çäreleriň meýilnamasynda edara-kärhanalaryň we guramalaryň buhgalterleri, buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda işleriniň alnyp barylmagy bilen bagly yzygiderli okuw maslahatlary hem-de buhgalterleriň hünär synagyny guramak işleri hemişelik esasda alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň orta hünär we ýokary hünär okuw mekdeplerinde, edara-kärhanalarda buhgalterleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak, hünärini ýokarlandyrmak boýunça işleri guramak hem-de hereket edýän okuw meýilnamalaryny kämilleşdirmek, ýöriteleşdirilen halkara we milli guramalar bilen buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabat-

нем, отвечать требованиям времени становятся одним из приоритетов современной государственной политики.

Совершенствование на нынешнем этапе финансовой отчётности, которая отражает тенденции развития современного мира, является требованием времени. Выполнение этой работы – важный способ удовлетворить растущий спрос, а также способ содействия в деле организации, координирования всей работы и контролирования эффективности и качества работы.

Принятие в нашей стране Закона Туркменистана «О бухгалтерском учёте и финансовой отчётности» не только определил основу бухгалтерского учёта и финансовой отчётности, но и обозначил правила их ведения, составления и сдачи в соответствии с международными стандартами. Соответственно, хозяйствующие субъекты готовят и сдают финансовую отчетность в соответствии с этими правилами.

Для реализации этой работы в нашей стране был принят план мероприятий по переходу на международные стандарты бухгалтерского учёта и финансовой отчётности.

Согласно вышеуказанному плану для бухгалтеров учреждений, предприятий и организаций периодически устраиваются семинары по ведению работы в соответствии с международными стандартами бухгалтерского учета и финансовой отчетности, а также профессиональная аттестация.

Сегодня регулярный характер обрели меры по подготовке, переподготовке, повышению квалификации бухгалтеров в средних профессиональных и высших профессиональных учебных заведениях, учреждениях и предприятиях страны, совершенствованию существующих учебных планов, а также взаимодействие с профильными международными и национальными организациями для имплементации в стране международных правил бухгалтерского

lylygynyň halkara standartlarynyň ýurdumyzda ornaşdyrylmagy üçin, özara hyzmatdaşlyk işini guramak hemişelik häsiýete eýe boldy.

Şeýle işlere ministrlikleriň, pudak edaralarynyň hem-de orta we ýokary hünär okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň yzygiderli gatnaşmagy, göz öňünde tutulan işleriň möhüm hil netijesini üpjün etdi.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň professor-mugallymlary hem buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarynyň ýurdumyzda ornaşdyrylmagy we kämilleşdirilmegi bilen bagly alnyp barylýan işlere işjeň gatnaşýarlar hem-de özleriniň okuw meýilnamalaryny yzygiderli kämilleşdirmek bilen, talyp ýaşlara bu ugurlardaky okuw sapaklarynda giňişleýin yzygiderli esaslarda öwredýärler.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe talyp ýaşlary döwrebap terbiýeläp ýetişdirmäge, ykdysadyýetimiziň pudaklarynda netijeli zähmet çekmäge ukyply hünärmenleri taýýarlamaga möhüm ähmiýet berilýär.

Şol sebäpli, sanly bilimiň, ylmyň we sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine berilýän ünsüň barha güýçlendirilmegi, bu ugurda bilim alýan talyp ýaşlaryň we hünärmenleriň durmuş tejribesiniň has-da baýlaşmagyna oňyn täsir edýär. Şuňa laýyklykda, ýurdumyzda sanly bilimiň, ylmyň we sanly ykdysadyýetiň ulgamlarynyň ösdürilmeginiň Konsepsiýalary we Maksatnamasy halk hojalyk toplumyny sanly ulgam esasynda ösdürmek işinde uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň ulgamynyň maksady, maliýe hasabatlylygynyň düzülmegi we tabşyrylmagy üçin maglumat esasyny üpjün etmek bolup durýar.

Buhgalterçilik hasaba alnyşyny guramaklyk işi, ykdysady subýekt döredilen wagtyndan başlap, ýapylýan pursatyna çenli buhgalterçilik hasaba alnyş ulgamyny kabul edilen hasaba alyş syýasatyna laýyklykda alnyp barylýar. Hojalyk subýekt öz hasaba alyş syýasatyny ykdysady işiň maksatlaryndan, wezipelerinden we aýratynlyklaryndan ugur almak bilen, özbaşdak emele ge-

учёта и финансовой отчётности.

Регулярное участие специалистов министерств, ведомств, профессоров и преподавателей средних и высших учебных заведений в этой работе обеспечило важные качественные результаты запланированной работы.

Профессора и преподаватели Туркменского государственного института экономики и управления также активно участвуют во внедрении и совершенствовании международных стандартов бухгалтерского учёта и финансовой отчётности в нашей стране и последовательным образом совершенствуют свои учебные программы, что оптимизирует процесс обучения.

В эпоху могущества и счастья большое значение придаётся обучению студенческой молодёжи и подготовке специалистов, способных эффективно работать в отраслях нашей экономики.

Таким образом, усиление внимания к развитию цифрового образования, науки и цифровой экономики оказывает положительное воздействие на процесс обучения студенческой молодежи и квалификацию профильных специалистов. Соответственно, концепции и программы в области развития цифрового образования, науки и цифровой экономики в нашей стране имеют большое значение в развитии народнохозяйственного комплекса на основе цифровой системы.

Цель системы бухгалтерского учёта – предоставить информационную базу для подготовки и представления финансовой отчётности.

Организация бухгалтерского учёта осуществляется в соответствии с принятой учётной политикой системы бухгалтерского учёта с момента создания хозяйствующего субъекта до момента его закрытия. Хозяйствующий субъект самостоятельно формулирует свою учётную политику, исходя из целей, задач и характеристик хозяйственной деятельности.

tirýärler.

Maliýe hasabatlylygynyň maksady subýektiň maliýe ýagdaýy we onuň işiniň maliýe netijeleri we pul serişdeleriniň hereketi barada peýdalanyjylaryň giň topary tarapyndan ykdysady çözgütler kabul edilende olara peýdaly bolup biljek maglumatlary bermekden ybaratdyr.

Maliýe hasabatlylygynyň döwrebaplylygy, hojalyk subýektleriň serişdelerini dolandyrmak boýunça işleriniň netijelerini hem görkezýär.

Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy ulgamyndaky resminamalar ilkinji hasaba alyş resminamalaryndan, buhgalterçilik hasaba alnyşynyň registrlerinden hem-de maliýe hasabatlylygyndan ybarat bolup durýar. Ilkinji hasaba alyş resminamalary, bu buhgalterçilik hasaba alnyşy ýöredýän, ykdysady subýektiň ykdysady işiniň netijesiniň kagyz görnüşindäki ýa-da elektron göterijisindäki şaýatnamasydyr. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň registrleri, ýagny bu hasaba almak üçin kabul edilen ilkinji hasaba alyş resminamalarynda bar bolan maglumatlaryň buhgalterçilik hasaba alnyş we maliýe hasabatlylygy ulgamynda beýan edilmegi üçin ulgamlaşdyrylmagy, umumylaşdyrylmagy we toplanylmagy üçin görnüşlerdir. Ilkinji hasaba alyş resminamalary buhgalterçilik ýazgylarynyň geçirilmegi üçin esas bolup durýar we ykdysady işiň netijesini belleýär.

Maliýe hasabatlylygynyň doly toplumy şu aşakdakylary öz içine alýar ýagny, maliýe hasabatlylygynyň toplumy, maliýe ýagdaýy barada hasabat, jemi peýda barada hasabat, girdejiler we çykdajylar barada hasabat, maýadaky üýtgemeler barada hasabat, arassa aktiwlerdäki-maýadaky üýtgemeler barada hasabat, pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat hem-de maliýe hasabatlylygy boýunça degişli belliklerden we düşündirişlerden ybaratdyr.

Hojalyk subýektiniň ykdysady işjeňligine baglylykda, maliýe hasabatlylygyny düzmek boýunça talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, bu görnüşler subýektiň garaýşyna görä üýtgedilip we olara degişli setirler goşulyp hem bilinýär. Her bir hojalyk subýekti alyp barýan

Цель финансовой отчётности – предоставить информацию, которая может быть полезна для принятия экономических решений широким кругом пользователей о финансовом положении компании, её финансовых результатах и денежных потоках.

Современность финансовой отчётности также отражает результаты работы хозяйствующих субъектов по управлению ресурсами.

Документы в области бухгалтерского учёта и финансовой отчётности состоят из первичных регистрационных документов, регистров бухгалтерского учёта и финансовой отчётности. Первыми регистрационными документами являются справка о результатах хозяйственной деятельности хозяйствующего субъекта, ведущего бухгалтерский учёт в бумажном или электронном виде. Регистры бухгалтерского учёта – формы для систематизации, обобщения и сбора информации, содержащейся в первых регистрационных документах, принятых с целью проведения учёта, для отражения в системе бухгалтерского учёта и финансовой отчётности. Первые регистрационные документы служат основанием для ведения бухгалтерского учёта и фиксируют результаты хозяйственной деятельности.

Полный комплект финансовой отчётности включает в себя следующее: комплект финансовой отчётности, отчёт о финансовом положении, отчёт о совокупном доходе, отчёт о прибылях и убытках, отчёт об изменениях в капитале, отчёт об изменениях в чистых активах-капитале, отчёт о движении денежных средств, а также соответствующие примечания и пояснения к финансовой отчётности.

В зависимости от экономической деятельности хозяйствующего субъекта они также могут быть изменены и добавлены в соответствующие строки для соответствия требованиям финансовой отчётности. Каждый субъект хозяйствования обязан

işleriniň dürli ugurlydygyna garamazdan, ýeke-täk maliýe hasabatlylygyny düzmäge borçly bolup durýarlar.

Hojalyk subýektler özleriniň maliýe hasabatlylygyny şu aşakdaky edaralara ýagny, esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda esaslandyryja, hojalyk subýektiniň bellige alnan ýerindäki döwlet statistikasy edarasyna, hojalyk subýektiň bellige alnan ýerindäki salgyt edarasyna, döwlet häkimiýeti edaralaryna, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna we ýokarda duran ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, önümçilik birleşiklerine, maliýe we ykdysadyýet edaralarynyň bölümlerine hem-de hojalyk subýektiň maliýe hasabatlylygyndan beýleki peýdalanyjylara tabşyrýarlar.

Häzirki zaman ösen döwrebap sanly tehnologiýalarynyň we innowasiýalaryň hem-de öňdebaryjy halkara tejribeleriň milli ykdysadyýetimize has içgin ornaşdyrylýan döwründe kabul edilýän çözgütler ýurdumyzyň uzak möhletleýin ykdysady strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň subutnamasydyr.

«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetinde sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi bilen bir hatarda, maliýe resminamalarynyň kämilleşdirilmegine döredýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň janynyň sag, ömüriniň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

**Aýmämmet ANNAORAZOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň dosenti, ykdysady ylymlaryň kandidaty

**Gülälek DURDYÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby

подготовить единый финансовый отчёт независимо от объёма его деятельности.

Субъекты хозяйствования должны подавать свою финансовую отчётность учредителям, согласно учредительским документам, в орган государственной статистики по месту регистрации хозяйствующего субъекта, в налоговую службу по месту регистрации субъекта хозяйствования, в органы государственной власти, в органы исполнительной власти и местного самоуправления, в профильные министерства, отраслевые ведомства, производственные объединения, отделы финансово-экономических учреждений и другим пользователям финансовой отчётности хозяйствующего субъекта.

Решения, принятые в то время, когда современные передовые цифровые технологии и инновации, а также передовой мировой опыт глубоко интегрируются в нашу национальную экономику, являются свидетельством успешной реализации долгосрочной экономической стратегии нашей страны.

Благодаря подвижнической деятельности уважаемого Президента и в нынешнем году, девиз которого «Туркменистан – Родина мира и доверия», создаются благоприятные возможности для интенсивного развития национальной экономики, внедрения в неё цифровой системы, а также для совершенствования финансовой документации. За всё это желаем Герою-Аркадагу крепкого здоровья и долголетия!

**Аймаммет АННАОРАЗОВ,**
доцент Туркменского государственного института экономики и управления, кандидат экономических наук

**Гулялек ДУРДЫЕВА,**
студентка Туркменского государственного института экономики и управления

# MAÝA GOÝUMLAR - DÖWRÜŇ TALABY

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetimize maýa goýumlaryň işjeň çekilmegine we maýa goýumlaryň höweslendirilmegine uly üns berilýär. Bu babatda alnyp barylýan giň göwrümli çäreler ýurdumyzyň eksport mümkinçiligini artdyrmaga, daşary söwda gatnaşyklaryny ösdürmäge, senagatlaşmanyň barha ýokarlanmagyna, durmuş ulgamynyň mundan beýläk-de kämilleşmegini nazarlaýan bazar ykdysadyýetiniň ösüşini hem-de ilatyň ýaşaýyş derejesini has-da ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda köpugurly özgertmeleri amala aşyrmagyň ykdysadyýetiň pudaklaryny hem-de döwlet dolandyryşynyň ähli ulgamlaryny düzüm taýdan mundan beýläk-de ösdürmegiň, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň we sanly ulgama geçilmeginiň barşynda maýa goýumlaryna möhüm orun degişli edildi.

Maýa goýumlary çekmek we olary netijeli peýdalanmak her bir döwletiň maýa goýum syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Maýa goýum syýasaty häzirki derejede ösüşiň täze derejelere çykarylmagy bilen bagly öňde durýan wezipeleri öz wagtynda we döwrüň talabyna laýyk çözmek, şol sanda erkin bazar ykdysady gatnaşyklarynyň ýörelgelerini ileri tutmak, halk hojalyk toplumyny düzümleýin özgertmek, halkara söwda, ylmy-tehniki we durmuş-ykdysady aragatnaşyklaryň möhüm bölegi bolan innowasion usullar

# Инвестиции - требования времени

В эпоху могущества и счастья, под мудрым руководством уважаемого Президента активному привлечению инвестиций в национальную экономику и поощрению инвестиций уделяется большое внимание. Масштабные меры, принимаемые в связи с этим, дают возможность увеличить экспортный потенциал нашей страны, развить внешнеторговые связи, способствуют росту индустриализации, развитию рыночной экономики, ориентированной на дальнейшее совершенствование социальной системы, и повышению уровня жизни населения.

В процессе реализации комплексных реформ в соответствии с «Программой Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны на 2019-2025», дальнейшего структурного развития секторов экономики и всех систем государственного управления, диверсификации и цифровизации экономики инвестициям отведена важная роль.

Привлечение и эффективное использование инвестиций – одно из ключевых направлений инвестиционной политики каждого государства. Инвестиционная политика показывает, что усиливается работа по привлечению иностранных инвестиций в экономику нашей страны для своевременной реализации в соответствии с требованиями эпохи задач, связанных с переходом с нынешнего уровня развития на новые уровни, в том числе для

toplumyny berkitmek üçin ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýasyny çekmek işiniň barha artýandygyny görkezýär.

«Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň kanuny döwletiň çäginde alnyp barylýan maýa goýum işiniň hukuk, ykdysady we durmuş şertlerini kesgitleýär. Ol eýeçiligiň görnüşine garamazdan, maýa goýum işiniň subýektleriniň hukuklaryny, bähbitlerini hem-de emlägini deň derejede goramagy üpjün etmäge gönükdirilendir. Maýa goýum işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi ýurdumyzyň ykdysady, ylmy-tehniki we durmuş syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen amala aşyrylýar hem-de döwletde ileri tutulýan ugurlarda maýa goýum işini alyp barýan her bir maýa goýujy üçin amatly şertleriň döredilmegine getirýär. Şeýle hem maýa goýum taslamalary durmuşa geçirilmegi, maýa goýum syýasaty ykdysadyýetiň ýokary ösüş depginleriniň we netijeligini üpjün edilmegine gönükdirilendir. Bu ugurda öňde goýlan wezipeler çözmek hem-de bazar gatnaşyklaryny has-da ilerletmek, halk hojalyk toplumyny düzümleýin özgertmek üçin Türkmenistanyň daşary ýurt maýa goýumlary çekmek işi barha ýokarlanýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Daşary ýurt maýa goýumlary boýunça pudagara topary döretmek hakyndaky» Karary bilen Daşary ýurt maýa goýumlary boýunça pudagara toparyň düzüminiň we Düzgünnamasynyň kabul edilendigini bellemek zerurdyr. Şu Düzgünnama Daşary ýurt maýa goýumlary boýunça pudagara toparyň wezipelerini we ygtyýarlyklaryny, şeýle hem Türkmenistana daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň, olardan netijeli peýdalanmagyň we daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmegiň çäreler toplumyny kesgitleýär.

Daşary ýurt maýa goýumynyň ýurda çekilmegi ýurtda goşmaça iş orunlaryny döretmäge, dünýäniň iň ýokary talaplaryna laýyk gelýän köpsanly önümçilik we durmuş maksatly binalary we desgalary gurmaga, dünýä bazaryna täze önümler bilen çykma-

приоритезации принципов свободных рыночных экономических отношений, структурной трансформации системы народного хозяйства, усиления комплекса инновационных методов, являющегося важной составляющей международных торговых, научно-технических и социально-экономических отношений.

Закон Туркменистана «Об инвестиционной деятельности в Туркменистане» определяет правовые, экономические и социальные условия инвестиционной деятельности, осуществляемой в пределах государства. Он направлен на обеспечение равной защиты прав, интересов и имущества субъектов инвестиционной деятельности независимо от формы собственности. Государственное регулирование инвестиционной деятельности осуществляется в целях реализации экономической, научно-технической и социальной политики нашей страны и создаёт благоприятные условия для каждого инвестора, осуществляющего инвестиционную деятельность в приоритетных для государства сферах. Реализация инвестиционных проектов, инвестиционная политика также направлена на обеспечение высоких темпов роста и эффективности экономики. В Туркменистане наращивается деятельность по привлечению иностранных инвестиций для решения поставленных задач в данной сфере, для дальнейшего развития рыночных отношений и реструктуризации народнохозяйственного комплекса. В этой связи необходимо отметить, что Постановлением Президента Туркменистана «О создании Межведомственной комиссии по иностранным инвестициям» были приняты состав и Положение Межведомственной комиссии по иностранным инвестициям. Настоящее Положение определяет функции и полномочия Межведомственной комиссии по иностранным инвестициям, а также комплекс мер по привлечению, эффективному использованию и поощ-

ga, pudaklaryň we sebitleriň sazlaşykly, kadaly ösmeklerine zerur bolan ähli amatlyklary döredýär. Daşary ýurt maýa goýumlaryň esasy görnüşi göni maýa goýumlardyr. Göni daşary ýurt maýa goýumlary kärhanalaryň tehniki derejesini ýokarlandyrmaga, öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, önüm öndürijileriň halkara bazarlaryna çykmagyna ähli mümkinçilikleri döredýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan işjeň maýa goýum syýasatynyň netijesinde 2021-nji ýylyň 10-njy fewralynda hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň meseleleri boýunça geçiren iş maslahatynda berlen hasabata laýyklykda 2020-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlarynyň möçberi jemi içerki önümiň 22,4 göterimine barabar boldy. 2020-nji ýyl maýa goýum maksatnamasy 102,4 göterim ýerine ýetirilendigi bellenildi. Şunda özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň 55,7 göterimi önümçilik hem-de 44,3 göterimi durmuş we medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi. Göz öňüne tutulan maksatnamalaryň çäklerinde gurluşyk pudagyna 38 milliard amerikan dollaryndan gowrak maýa goýumlary goýuldy. Geçen ýyl maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna bahasy 8 milliard amerikan dollaryna golaý bolan 45 sany önümçilik we medeni durmuş maksatly desgalary gurlup ulanmylmaga berildi.

Maýa goýum serişdeleriniň möçberlerini ýokarlandyrmak bilen birlikde, olary özleşdirmegiň netijeliliginiň artmagynyň üpjün edilmegi, olary özleşdirmegiň netijeliliginiň artmagynyň üpjün edilmegi, şol sanda önümçiligi guramagyň kämilleşdirilmegi, täzeçil taslamalara eýe bolan hem-de döwletimiziň dünýä bäsdeş-lige ukyplylygynyň artmagyna uly mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmakda bank ulgamyna

рению иностранных инвестиций в Туркменистан.

Привлечение иностранных инвестиций в страну создаёт все необходимые предпосылки для создания дополнительных рабочих мест в стране, строительства многочисленных зданий и сооружений производственного и социального назначения, отвечающих самым высоким мировым стандартам, выхода на мировой рынок с новой продукцией, гармоничного и равномерного развития отраслей и регионов. Основная форма иностранных инвестиций – прямые инвестиции. Прямые иностранные инвестиции предоставляют все возможности для повышения технического уровня предприятий, повышения конкурентоспособности выпускаемой продукции, выхода производителей на международные рынки.

Согласно докладу, представленным на рабочем совещании по вопросам развития национальной экономики, который провёл уважаемый Президент 10 февраля 2021 года, в результате проводимой в нашей стране активной инвестиционной политики, в 2020 году объём инвестиций, направленных на развитие нашей национальной экономики за счёт всех источников финансирования составил 22,4 процента от валового внутреннего продукта. Отмечается, что инвестиционная программа на 2020 год выполнена на 102,4 процента. При этом 55,7 процента освоенных капитальных вложений было направлено на строительство зданий производственного назначения и 44,3 процента – на строительство зданий социально-культурного назначения. В рамках предусмотренных программ в строительный сектор вложено более 38 миллиардов долларов США инвестиций. В прошлом году за счёт всех источников финансирования построено и сдано в эксплуатацию 45 объектов производственного и социально- культурно назначения на сумму примерно в 8 мил-

aýratyn orun degişlidir. Döwlet maýa goýum serişdelerini bir ýere ýygnaýan we olary netijeli dolandyrýan bankларyň işiniň düzgünini özgermek arkaly maýa goýumlaryň möçberine we düzümine oňyn täsir edip bilýär. Şol sebäpden hem ilatda bar bolan süýşürintgileri çekmek maksady bilen bank ulgamyny ösdürmek üçin oňaýly şertler döredilýär.

Hususy telekeçiligi ösdürmegiň häzirki şertlerinde maýa goýumlarynyň esasy çeşmeleriniň biri hökmünde uzakmöhletleýin bank karzlary çykyş edýär. Uzak möhletleýin bank karzlary, ilkinji nobatda, ykdysadyýetiň strategik ähmiýetli maksatlaryny amala aşyrmak üçin peýdalanylýar. Mundan başga-da maýa goýumlar bazar ykdysadyýeti şertlerinde hojalygy ýöretmegiň amatly şertleri bolan ýagdaýynda aýry- aýry subýektleriň pul serişdelerini bir ýere ýygnamagyň we olary karz goýum bazarlaryny ösdürmek arkaly maýa goýum maksatlaryna gönükdirmegiň işjeň mehanizmlerini döretmäge mümkinçilik berýär. Karz goýum bazarynyň ösmegi we sazlaşykly hereket etmegi erkin dolanyşykda bolan maliýe serişdelerini netijeli işleýän aktiwlere gönükdirmäge oňaýly şertleri döredýär. Maýa goýum taslamalarynyň bank tarapyndan amala aşyrylmagy, maliýe tertip-düzgünininiň berjaý edilmegine gözegçiligi ýola goýmaga, pul we zähmet serişdeleriniň dogry ulanylmagyny üpjün etmäge, taslamalaryň kesgitlenen möhletde amala aşyrylmagyna, maýa goýum taslamalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Ýurdumyzda köpsanly dürli maksatly desgalaryň gurulmagy sebitleriň sazlaşykly ösüşini üpjün edýär, olarda goşmaça iş ýerlerini döretmäge mümkinçilik berýär, ulag harajatlarynyň kemelmegine getirýär. Netijede tutuş ykdysadyýetiň düşewüntli dolandyrylmagyny, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Işjeň maýa goýum syýasaty pudaklaryň sazlaşykly işlemeklerini üpjün etmek bilen, önümçilik kuwwatlyklarynyň doly güýjünde ulanylmagyna, meýilnamalaryň öz wagtynda

лиардов долларов США.

Обеспечение эффективности освоения капиталовложений вместе с увеличением объёма инвестиционных средств, в том числе улучшение организации производства создаёт большие возможности для повышения конкурентоспособности предприятий, обладающих инновационными проектами и нашего государства на мировом рынке.

В настоящее время банковская система играет особую роль в реализации инвестиционных проектов. Государство может положительно влиять на объём и структуру инвестиций, развивая порядок работы банков, которые собирают в одном месте инвестиционные средства и эффективно управляют ими. Поэтому создаются благоприятные условия для развития банковской системы с целью привлечения имеющихся у населения накоплений.

В настоящих условиях развития частного предпринимательства в качестве одного из основных источников капиталовложений выступают долгосрочные банковские кредиты. Долгосрочные банковские кредиты в первую очередь используются для достижения стратегически важных целей экономики. Кроме этого, капиталовложения позволяют создавать активные механизмы для накопления денежных средств отдельных субъектов и направления их на цели инвестирования благодаря развитию рынков кредитных вложений при наличии благоприятной конъюнктуры для ведения хозяйства в условиях рыночной экономики. Рост и слаженная работа рынка кредитных вложений создаёт благоприятные условия для направления финансовых средств, находящихся в свободном обращении, в эффективно работающие активы. Реализация инвестиционных проектов банком направлена на налаживание контроля за соблюдением финансового регламента, обеспечение правильного использования денежных и

ýerine ýetirilmegine, ýurdumyzda daşyndan getirilýän harytlaryň ýerini tutýan önümleri öndürip, ýurduň gyzyl pulunyň tygşytlanmagyna döwletiň altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň möçberiniň artmagyna zerur bolan şertleri döredýär. Şeýlelikde, maýa goýum işleriniň netijesinde bütin adamzat jemgyýetiniň abadançylykda, asudalykda, agzybirlikde ýaşamagy üpjün edilýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bize şeýle ajaýyp, eşretli durmuşy döredip beren, ýurdumyzyň maliýe bank ulgamy ösdürmekde taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işlerinde elmydama rowaçlyklar ýar bolsun!

**Gülnabat AMANOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

трудовых ресурсов, выполнение проектов в установленные сроки, повышение эффективности инвестиционных проектов.

Строительство в нашей стране множества объектов различного назначения обеспечивает гармоничное развитие регионов, позволяет создавать там дополнительные рабочие места, ведёт к снижению транспортных расходов. В результате этого обеспечивается прибыльное управление всей экономикой и дальнейшее улучшение социально-бытовых условий жизни населения. Активная инвестиционная политика, обеспечивая согласованную работу секторов, создаёт необходимые условия для полного использование производственных мощностей, своевременного выполнения планов, экономии валюты и увеличения золотовалютных резервов страны путём производства импортозамещающих товаров в нашей стране. Таким образом, в результате инвестиционной деятельности обеспечивается благополучная, мирная жизнь и единство всего человеческого общества.

Здоровья, долгой жизни уважаемому Президенту, создавшему нам такую прекрасную и благополучную жизнь в эпоху могущества и счастья, прилагающему беспрецедентные усилия в деле развития финансово-банковской системы нашей страны, и да сопутствует ему успех во всех начинаниях во благо народа и страны!

**Гульнабат АМАНОВА,**
студентка специализированной банковской
школы имени Героя Туркменистана А. Ниязова
Центрального банка Туркменистана

# ÝURDUMYZDA KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGE BERILÝÄN GOLDAW

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe telekeçilik ulgamy milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda aýgytlaýjy orny eýeläp, döwletimiziň durnukly ykdysady ösüşine oňaýly täsirini ýetirýär, onuň işjeňleşmegi netijesinde täze iş orunlary döreýär, bäsdeşlige ukyply önümleriň görnüşleri we mukdary artýar, hili ýokarlanýar.

Milli Liderimiziň hem nygtaýşy ýaly, bazar gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegi hökmünde hususy telekeçiligi kämilleşdirmek ýurduň durmuş-ykdysady ösüş strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Ýurtda kiçi we orta telekeçiligi sazlaşykly we netijeli ösdürmek maksady bilen, hususy başlangyçlar esasynda oňaýly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertleri döredilýär. Telekeçilik işini alyp barýan taraplara döwlet goldawyny bermek, telekeçileriň netijeli işlemegi üçin amatly şertleri üpjün etmek, hususy telekeçileriň ilat üçin täze iş orunlaryny döretmek boýunça maýa goýum taslamalaryny uzak möhletli karz serişdeleri arkaly üpjün etmek işleri toplumlaýyn häsiýete eýe bolmak bilen, özüniň oňyn netijelerini berýär.

«Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018-2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenilen çäreleri ýerine ýetirmek, şeýle hem ýurtda hususy telekeçiligi ösdürmek maksady bilen ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan telekeçileriň önümçilik maksatlary taslamalary ýeňillikli karzlaşdyrylýar. Bu öz gezeginde öndürilýän

# Поддержка малого и средного предпринимательства в нашей стране

В эпоху могущества и счастья нашего суверенного государства предпринимательская система, занимающая ключевые позиции во всех отраслях нашей национальной экономики, оказывает положительное влияние на устойчивое экономическое развитие нашего государства, создает новые рабочие места в результате ее активизации, расширяет виды и увеличивает объемы конкурентоспособной продукции, повышает ее качество.

Как подчеркивает Лидер Нации, совершенствование частного предпринимательства как неотъемлемой части рыночных отношений является одним из приоритетных направлений стратегии социально-экономического развития страны. В целях гармоничного и эффективного развития малого и среднего предпринимательства в стране, на основе частных инициатив создаются благоприятные правовые, экономические, финансовые и социальные условия. Мероприятия, проводимые на комплексной основе, для оказания государственной поддержки лицам, осуществляющим предпринимательскую деятельность, обеспечения благоприятных условий для эффективной работы предпринимателей, предоставления долгосрочных кредитов частным предпринимателям для реализации инвестиционных проектов, связанных с созданием новых рабочих мест для населения, дают положительные результаты.

В целях реализации мер, обозначенных «Государственной программе поддержки малого и среднего предпринимательства в

önümleriň bahasynyň pes bolmagyna, öndürijileriň bäsdeşlige ukybynyň we sarp edijileriň sarp ediş ukybynyň ýokarlanmagyna özüniň oňaýly täsirini ýetirýär.

Bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryna, şol sanda onuň döwlete degişli däl bölegine berilýän karzlar olara ýeterlik möçberde dolanşyk serişdeleri almaga, öňdebaryjy tehnikalary we innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmaga, önümçilik maksatly işleri çaltlandyrmaga, ýokary ykdysady netijeliligi gazanmaga mümkinçilik berýär.

Milli Liderimiziň döwlet durmuşynyň ähli ugurlaryny sanly ykdysadyýete geçirmek boýunça pudak edaralarynyň öňünde goýan wezipesi milli telekeçiligi ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Häzirki wagtda türkmen telekeçileri öz işlerinde döwrebap tehnologiýalary işjeň ornaşdyrýarlar. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gipsiň we ondan öndürilýän dürli görnüşli önümleri, ýol gurluşygy üçin geodüşekleri, polietilen turbalary, keramiki kerpiji we emeli mermer plitalary, boýag, mebel önümlerini, dokma önümlerini, sintetiki halylary, ýuwujy serişdeleri, demir – beton önümleri, gidro örtüji serişdeleri, çagyl, ýag hem-de howa süzgüçlerini, akkumulýatorlary we beýlekileri öndürýän döwrebap zawod-fabrikler üstünlikli işleýär.

Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ýörelgeleri özünde olaryň ösdürilmeginiň ileri tutulmagyny, döwlet tarapyndan edilýän goldawyň toplumlaýynlygyny, aýanlygyny, açyklygyny, döwlet goldawynyň elýeterliligini, telekeçilik işiniň erkinligini, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň eýeçilik hukugynyň goralmagyna kepillikleriň berilmegini göz öňünde tutýar.

Hormatly Perezidentimiziň Kararlary bilen «Türkmenistanda daşary ýurtdan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatna-

Туркменистане на 2018-2024 годы», а также развития частного предпринимательства, кредитными учреждениями страны предоставляются льготные ссуды предпринимателям на реализацию проектов промышленного назначения. Это, в свою очередь, оказывает положительное воздействие на снижение цен на производимую продукцию, повышение конкурентоспособности производителей и потребительской способности населения.

Кредиты, предоставляемые банковской системой отраслям экономики, в том числе негосударственному сектору, позволяют им мобилизовать достаточный объем оборотных средств, внедрить передовое оборудование и инновационные технологии в производство, ускорить темпы работы, ориентированной на производство продукции и обеспечить высокую экономическую эффективность.

Задача, поставленная Лидером Нации перед отраслевыми ведомствами по цифровому преобразованию экономики и всех сфер государственной жизни, стала одним из приоритетных направлений развития предпринимательства в нашей стране. Сегодня туркменские предприниматели активно осваивают современные технологии в своей деятельности. В различных уголках страны успешно функционируют современные заводы и фабрики по производству гипса и различных видов изделий из него, геопокрытий для дорожного строительства, полиэтиленовых труб, керамических кирпичей и плит из искусственного мрамора, красок, мебельной, текстильной и синтетической продукции, моющих средств, железобетонных изделий, гидроизоляционных материалов, гравия, масляных и воздушных фильтров, аккумуляторов и т.п..

Основные принципы государственной поддержки малого и среднего предпринимательства в Туркменистане предусматривают приоритетность ее развития,

masy» hem-de «Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Kabul edilen Döwlet maksatnamalaryna laýyklykda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri döretmek, olaryň düzümini kämilleşdirmek, ylmy taýdan esaslandyrylan ugurlary kesgitlemek, ýurdumyzyň tölege ukyplylygyny berkitmek, daşary söwda dolanyşygynyň oňyn tapawudyny artdyrmak, täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň pul girdejilerini ýokarlandyrmak, şeýle hem milli ykdysadyýetiň hususy böleginiň paýyny yzygiderli artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler has-da işjeňleşdirilýär. Mundan başga-da ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynda düýpli özgertmeler amala aşyrlyp, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan ýerli önümçilikleri döretmäge we importuň düzümini kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär, bular milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň wajyp ugry bolup durýar.

Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli syýasatynda ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyny gazanmaga, ilatyň durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen ýeňillikli karzlaşdyryş ulgamy babatda giň möçberli işler edilýär. Şeýlelikde, milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralarynda karzlaryň birnäçe görnüşleri kiçi we orta telekeçilere hödürlenýär. Mysal üçin olardan aşakdakylary görkezmek bolar:

- Türkmenistanyň Prezidentiniň «Kiçi we orta telekeçiligiň döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky» Kararyna laýyklykda, Kararyna laýyklykda, ýyllyk 5 göterim bilen 10 ýyl möhlete berilýän ýeňillikli karzlar;

- oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim bi-

комплексный характер, прозрачность, открытость и доступность государственной поддержки, свободу предпринимательской деятельности, а также гарантии защиты имущественных прав субъектов малого и среднего предпринимательства.

Постановлениями уважаемого Президента были утверждены «Государственная программа по производству импортозамещающей продукции в Туркменистане» и «Государственная программа по увеличению объемов экспорта продукции, производимой в Туркменистане». В соответствии с принятыми Государственными программами еще более активизируется работа, проводимая в области создания импортозамещающих производств, совершенствования их структуры, определения научно обоснованных направлений, укрепления платежеспособности нашей страны, увеличения положительной разницы внешнеторгового оборота, создания новых рабочих мест, повышения доходов населения, увеличения доли частного сектора. Кроме того, реализуются коренные реформы в системе внешнеторгового оборота страны, с особым упором на создание местных импортозамещающих производств и совершенствование структуры импорта, что является важным направлением диверсификации национальной экономики.

В рамках дальновидной политики Лидера Нации проводится широкомасштабная работа по созданию системы льготного кредитования, направленной на укрепление экономической мощи страны и повышение социальной защищенности населения. Таким образом, в результате поддержки отечественных товаропроизводителей неуклонно увеличиваются объемы качественных товаров и услуг, отвечающих потребностям народа.

В настоящее время кредитные учреждения страны предлагают малому и среднему бизнесу несколько видов займов. В качестве примера можно упомянуть следующие

len 10 ýyl möhlete berilýän ýeňillikli karzlar;

- maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin ýyllyk 5 göterim bilen 10 ýyl möhlete berilýän ýeňillikli karzlary we beýlekileri görkezmek bolar.

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 10-njy fewralynda Milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň meseleleri boýunça geçiren iş maslahatynda ykdysadyýetiň hojalyk subýektleriniň maliýe serişdelerine isleglerini kanagatlandyrmak üçin gönükdirilen karzlaryň umumy möçberi şu ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, 11,4 göterim artandygy barada bellenildi. Hasabat döwründe ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk bölegine berlen karzlaryň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 18,9 göterim köpeldi. Hususyýetçileri goldamak boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde, bu ugra goýberilen ýeňillikli bank karzlarynyň möçberi geçen ýylyň degişli döwrüne görä 4,3 göterim ýokarlandy. Şunda maliýeleşdirilen taslamalaryň sany 1821-e ýetdi. Hususy önüm öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, enjamlary satyn almak üçin berlen karz serişdeleriniň möçberi 34,9 göterim artdy.

Mundan başga-da kiçi we orta telekeçiligiň kärhanalaryny döwlet tarapyndan bellige almakda, bu kärhanalar tarapyndan baglaşylýan geleşikleriň hasabyny ýöretmekde, bank amallaryny amala aşyrmakda, işleriň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmakda, önümleri güwälendirmekde, önümçilik we söwda desgalaryny kärendesine bermekde we beýleki ugurlarda işler has ýönekeýleşdirilip, döwrüň talabyna görä yzygiderli kämilleşdirilýär. «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018-2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenilişi ýaly kiçi we orta telekeçilige degişli şahsy we edara görnüşli taraplar üçin bank hyzmatlaryny ýönekeýleşdirip, elýeterli ýagdaýa ge-

виды:

- льготные кредиты сроком на 10 лет из расчета 5 процентов годовых, выдаваемые в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана «О государственной поддержке малого и среднего предпринимательства»;

- льготные кредиты сроком на 10 лет из расчета 1 процент годовых, выдаваемые на приобретение сельхозтехники, оборудования и механизмов, водосберегающей техники и оборудования, оросительных труб;

- льготные кредиты сроком на 10 лет из расчета 3 процента годовых, выдаваемые для финансирования инвестиционных проектов, связанных с развитием животноводства и птицеводства, производством и переработкой сельхозпродукции, предоставлением услуг, а также льгот на приобретение основных средств и имущества, и т.д.

На проведенном уважаемым Президентом 10 февраля текущего года рабочем совещании по развитию национальной экономики отмечалось, что общая сумма кредитов, направленных на удовлетворение финансовых потребностей хозяйствующих субъектов, увеличилась на 11,4 процента по состоянию на 1 января текущего года. За отчетный период объем кредитов, предоставленных негосударственному сектору экономики, увеличился на 18,9 процента по сравнению с аналогичным периодом прошлого года. В рамках продолжающихся усилий по поддержке частного сектора объем выделенных льготных банковских кредитов в этой области увеличился на 4,3 процента по сравнению с тем же периодом прошлого года. При этом количество профинансированных проектов достигло 1821. Объем кредитов, предоставленных частным товаропроизводителям на приобретение сельхозтехники и оборудования, увеличился на 34,9 процента.

Кроме того, существенно упрощаются, а также систематически совершенствуется

tirmek, uzakmöhletli karzlaryň berilmegini göz öňünde tutup, karz edaralarynyň özüne çekijiligini ýokarlandyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar.

Täze kärhanalaryň işe girizilmeginiň netijesinde, milli ykdysadyýetimize daşary ýurt göni maýa goýumlaryny çekmek we bilelikdäki döwrebap kärhanalary ösdürmek babatynda öňegidişlikler gazanylar. Bu bolsa, öz gezeginde ýurdumyzyň sebitleri boýunça senagatçylar pudagynyň ösmegine, ilatyň iş üpjünçiligini ýokarlandyrmaga we pul girdejileriniň artmagyna mümkinçilikleri döreder.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmek, bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşan häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän döwrebap bank ulgamyny döretmek, ýurdumyzyň önümçilik kuwwatyny ýokarlandyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ösen döwletleriň derejesine ýetirmek ugrunda bimöçber işleri alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç alsyn!

**Sähragül BEGSÄHEDOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

в соответствии с требованиями времени, процедуры государственной регистрация малых и средних предприятий, ведения учета сделок, заключаемых этими предприятиями, проведения банковских операций, лицензирования отдельных видов деятельности, сертификации продукции, сдачи в аренду производственных и торговых объектов и т.д. Исходя из положений, обозначенных в «Государственной программе поддержки малого и среднего предпринимательства в Туркменистане на 2018-2024 годы», проводится необходимая работа по упрощению и обеспечению доступности банковских услуг для физических и юридических лиц, осуществляющих деятельность в сфере малого и среднего предпринимательства, повышению привлекательности кредитных учреждений за счет предоставления услуг долгосрочного кредитования.

Ввод в строй новых предприятий приведет к достижению прогресса в привлечении прямых иностранных инвестиций в нашу национальную экономику и развитии совместных современных предприятий. Это, в свою очередь, создаст возможности для развития промышленной отрасли в регионах страны, повышения занятости и увеличения доходов населения.

Желаем крепкого здоровья, долгих лет жизни и неизменных успехов в реализации задач государственной важности Уважаемому Президенту, прилагающему огромные усилия для развития национальной экономики, создания адаптированной к рыночным отношениям и отвечающей требованиям времени современной банковской системы, укрепления производственного потенциала страны, и повышения условий жизни народа Туркменистана до уровня развитых стран!

**Сяхрагуль БЕГСАХЕДОВА,**
студентка Специализированной банковской школы
имени Героя Туркменистана А. Ниязова
Центрального банка Туркменистана

# «OWERDRAFT» BANK HYZMATY

Türkmenistan döwletimizde alnyp barylýan pul-karz syýasatyna laýyklykda, innowasion tehnologiýalary bank ulgamynda yzygiderli ornaşdyryp, bank hyzmatlarynyň hilini kämilleşdirmek, raýatlara täze bank hyzmatlaryny hödürlemek, ýurdumyzyň bank ulgamynyň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýurdumyzda hereket edýän karz edaralaryna uly orun berilýär. Bildirilýän ynamy ödemek üçin Türkmenistanyň ähli karz edaralary bilen birlikde, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky hem ildeşlerimize ýokary hilli bank hyzmatlaryny hödürlemekde giň gerimli işleri alyp barýar. Bank dürli hilli karz hyzmatlaryny hödürlemek bilen, ildeşlerimiziň döwrebap bank hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmakda degişli işleri yzygiderli amala aşyrýar. Şeýle hyzmatlaryň biri hem «Owerdraft» bank hyzmatydyr.

«Owerdraft» karzy – söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl hasaplaşyklar geçirilende bank kartynyň galyndysy azalyp, töleg geçirmek üçin pul serişdeleriniň ýetmedik ýagdaýynda, müşderä bank tarapyndan awtomatiki usulda berilýän gysga möhletleýin karz serişdesi bolup durýar. Adaty karzlardan tapawutlylykda, «Owerdraft» karzy dikeldilýän bolup durýar, ýagny müşderi bir gezek banka bu hyzmaty açmak üçin arza berenden soň, şertnamada görkezilen möhletiň dowamynda bu bank karzyndan banka barmazdan zerurlygyna görä awtomatiki usulda alyp we yzyna gaýtaryp bilýär.

# Банковская услуга «Овердрафт»

В соответствии с проводимой в Туркменистане денежно-кредитной политикой в числе ключевых задач банковской системы страны определено последовательное внедрение инновационных технологий в банковскую систему, совершенствование качества банковских услуг, оказание гражданам новых банковских услуг. В условиях рыночной экономики большая роль отводится действующим в стране кредитным учреждениям. Чтобы оправдать оказываемые доверие наряду с другими кредитными учреждениями Туркменистана масштабную работу по оказанию соотечественникам различных качественных кредитных услуг осуществляет и Государственный коммерческий банк Туркменистана «Дайханбанк». Предлагая различные высококачественные кредитные услуги, банк регулярно проводит работу для удовлетворения спроса соотечественников на банковские услуги. Одной из них является услуга «Овердрафт».

«Овердрафт» - это краткосрочный кредит, который автоматически предоставляется клиенту в случае уменьшения остатка или нехватки денежных средств на банковской карте при проведении безналичных расчётов в точках торговли и сервиса. В отличие от обыкновенных кредитов, лимит «Овердрафт» восстанавливается, т.е. после того, как однажды клиент подал банку заявление об открытии этой услуги, в ходе указанного в до-

Şeýlelikde, «Owerdraft» karzy müşderiniň bank kart hasabynyň galyndysy azalan halatynda, ýurdumyzyň bazarlarynda, söwda we hyzmat ediş nokatlarynda ornaşdyrylan töleg terminallaryndan nagt däl görnüşinde töleg geçirilende bank tarapyndan awtomatiki usulda berilýän gysga möhletleýin karz serişdelerinden peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Müşderiniň «Altyn asyr» bank kart hasabyna zähmet haky geçirilenden soňra, müşderiniň «Owerdraft» karzynyň esasy bergisi we hasaplanýan göterimleri awtomatiki usulda tölenýär.

Bu hyzmaty 2020-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan hem bankyň müşderisi bolan raýatlarymyza hödürlendi. Bu hyzmat häzirki wagtda giň gerimde ýaýbaňlandyrylýar. Hyzmata laýyklykda gündelik sarp edilýän harytlar satyn alnanda raýatlaryň maliýe mümkinçiliklerini giňeltmek üçin, müşderileriň ýüztutmasyna laýyklykda, soňky 6 (alty) aýdaky ortaça zähmet hakynyň esasynda hasaplanylýar we onuň möçberiniň 50 (elli) göterimden ýokary bolmadyk çägindäki gysga möhletli karzlary resmileşdirilýär. Karzyň ölçegi aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

O=((ZH1+ZH2+...+ZH6)/M)*50%, bu ýerde

O- owerdraftyň möçberi;

ZH1, ZH2.. ZH6-ýarym ýyl üçin her aýdaky zähmet haky hasaplary, hakujy tölegleri goşmak arkaly;

M - aýma-aý kart hasabyna geçirilen zähmet haklarynyň möhleti (bu ýagdaýda 6 aýyň dowamyndaky).

Häzirki wagtda raýatlara owerdraft karzyny bermek ýurdumyzyň birnäçe banklary tarapyndan amala aşyrylýar.

Eger-de, müşderiniň X manat ulanylan karzy, Y-bir ýylyň dowamyndaky gün sany (365 ýa-da 366), Z- karz ulanylan gün sany bolsa, onda:

(X*10%)/Y*Z görnüşinde müşderiniň goşmaça tölegi hasaplanýar.

говоре срока этот вид банковского кредита в зависимости от необходимости можно получать и погашать автоматически без посещения банка.

Таким образом, «Овердрафт» позволяет клиенту воспользоваться краткосрочными кредитными средствами, предоставляемыми банком автоматически, в случае уменьшения остатка на счёте карты при проведении безналичных расчётов через платежные терминалы, установленные на рынках, торгово-сервисных точках страны. После перечисления на банковскую карту клиента «Алтын асыр» основной долг и проценты по кредиту «Овердрафт» погашаются автоматически.

Данная услуга впервые была предложена Государственным коммерческим банком Туркменистана «Дайханбанк» гражданам-клиентам банка в мае 2020 года. Сегодня она становится всё более популярной. Её цель – расширение финансовых возможностей граждан при приобретении товаров повседневного потребления. После обращения клиента оформляется краткосрочный кредит, размер которого не превышает 50 (пятидесяти) % средней заработной платы за последние 6 (шесть) месяцев. Размер кредита вычисляется следующим образом:

О=((ЗП1+ЗП2+...+ЗП6)/М)*50%, где

О – размер овердрафта;

ЗП1+ЗП2+...+ЗП6 – заработная плата за полугодие, включая аванс;

М – срок заработных плат, ежемесячно перечисленных на счет карты (в этом случае на протяжении 6 месяцев).

В настоящее время предоставление кредита «Овердрафт» осуществляется несколькими банками страны.

Если X манатов – использованный клиентом кредит, Y – количество дней в году (365 или 366), Z – количество дней, на протяжении которых использовался

Ýagny, müşderi 100 manat karzy 30 gün ulanan bolsa,

(100*10%)/365*30=0.90 bu ýagdaýda müşderi ulanan bank karzy boýunça ulanan karzynyň üstüne bellenilen tertipde 0.90 teňňe göterim töleýär.

Häzirki wagtda «Owerdraft» bank hyzmatynyň amatlyklaryndan peýdalanýan müşderilerimiziň sany günsaýyn artýar. Bu karz hyzmatyndan bankyň aýlyk zähmet haklary geçirilýän «Altyn asyr» bank kartyny saklaýjy müşderileri peýdalanyp bilýärler.

Bu ýagdaý müşderileriň alan karzyny wagtynda yzyna gaýtaryp berjekdigi barada bankyň öňündäki kepilligini aňladýar. Şu düzgünlere laýyk gelýän müşderilere karz resmileşdirilenden soň, bir aýyň dowamynda artykmaç harçlanan esasy bergi we şol boýunça hasaplanan göterimler aýlyk zähmet hakynyň hasabyndan bank tarapyndan awtomatiki usulda hasaplanylyp alynýar. Müşderi bank kartyna «Owerdraft» karz hyzmatyny Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň edara binasynda ýa-da onuň şahamçalarynda birikdirip bilerler. Bu işi amala aşyrmak üçin hyzmatdan peýdalanmak isleýän raýatyň pasporty we onuň nusgasy, girdejileri barada kepilnama, zähmet depderçesiniň göçürmesi, arza we «Owerdraft» boýunça aýlyk zähmet hakyndan tutup almaga razylygy talap edilýär.

Ýurdumyzyň bank bazaryny has-da ösdürmek üçin, ilkinji nobatda sanly ulgamyň




кредит, то дополнительная плата клиента вычисляется следующим образом:

(X*10%)/Y*Z.

К примеру, если клиент пользовался кредитом в 100 манатов 30 дней,

(100*10%)/365*30=0.90

он в установленном порядке выплачивает на использованный кредит проценты в размере 0,90 тенге.

Сегодня изо дня в день растет число клиентов, пользующихся преимуществами банковской услуги «Овердрафт». Ею могут воспользоваться клиенты банка-держатели банковской карты «Алтын асыр», на которую перечисляется заработная плата.

Это является гарантией возврата клиентом полученного кредита. После оформления кредита соответствующим клиентам банк в течение 1 месяца автоматически снимает со счета излишне израсходованный основной долг и проценты по нему. Клиенты могут подключить кредитную услугу «Овердрафт» в головном офисе или филиалах Государственного коммерческого банка Туркменистана «Дайханбанк». Для этого требуются оригинал и копия паспорта гражданина, желающего пользоваться данной услугой, справка о доходах, копия трудовой книжки, заявление и согласие на удержание средств по «Овердрафт» с заработной платы.

Для дальнейшего развития банковского рынка страны, в первую очередь, необходимо внедрение в деятельность цифровой системы новых услуг, финансовых новинок. Одной из них является внедрённая нашим банком банковская кредитная услуга «Овердрафт».

В целях выполнения задач, обозначенных в Концепции развития цифровой экономики в Туркменистане на 2019-2025 годы, увеличения числа оказываемых гражданам цифровых услуг создана возможность предоставления

işine, täze hyzmatlaryň, maliýe täzeçillikleriniň girizilmegi zerurdyr. Bankymyz tarapyndan ornaşdyrylan «Owerdraft» bank karz hyzmaty ýurdumyzda ornaşdyrylýan maliýe täzeçillikleriniň nobatdakylarynyň biridir.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek, raýatlara hödürlenilýän sanly hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak maksady bilen, bankymyz tarapyndan ýokarda agzalan bank karzyny «Owerdraft karty» atly bank kartynyň üsti bilen ýerine ýetirmek boýunça mümkinçilik döredildi.

«Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň kömegi bilen, hasaplaşyklar nagt däl görnüşinde geçirilende müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, bank bilen baglaşylan şertnama laýyklykda müşderiniň «Owerdraft karty» hasabyna kesgitlenen çäklerde awtomatiki usulda gysga möhletli karzlary resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da, bankymyzyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasy arkaly karz almaga isleg bildirýän müşderilerimiziň ýüz tutmalaryny kanagatlandyrmak üçin gerek bolan resminamalary bankyň şahamçalaryna gelmezden almaga mümkinçilik döredilen. Munuň üçin, ilki bilen bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynda ýerleşdirilen «Hyzmatlar» bölümçesine girip, «Karz resminamalary elektron görnüşinde doldurmaklyk» atly düwmä basmaly. Isleg bildirilýän bank karzyny saýlamaly we talap edilýän resminamalary taýýarlamaly. Bu ýerde «gök reňkde» ýazylan düwmeleri basmak arkaly şahsy kompýuteriňize ýüklemeli we maglumatlary doldurmaly. Zerur bolan ähli resminamalar taýýarlanylandan soňra olary .pdf görnüşe geçirmeli we «обзор» düwmesine basmak arkaly saýlanan resminamalary banka ibermeli. Raýat tarapyndan zerur maglumatlaryň ählisi girizilenden soňra, bankyň bellenilen hünärmeni tara-

банком вышеназванного кредита посредством банковской карты «Овердрафт».

При нехватке денежных средств на счете зарплатной банковской карты, с помощью которой проводятся безналичные расчеты, в соответствии с заключенным с банком договором на счет клиента на новой банковской карте «Овердрафт» автоматически в установленных размерах оформляется краткосрочный кредит.

На официальной интернет-странице банка www.dayhanbank.gov.tm создана возможность приёма документов, необходимых для удовлетворения обращений желающих получить кредит клиентов без посещения филиалов банка. Для этого сначала нужно выбрать в разделе «Услуги» вышеназванной интернет-страницы пункт «Заполнение кредитных документов в электронном виде». Далее следует выбрать желаемый кредит и подготовить запрашиваемые документы. Загрузить на персональный компьютер файлы, помеченные синим цветом, и заполнить сведения. После подготовки всех необходимых документов следует преобразовать их в формат .pdf и направить выбранные документы в банк, нажав на «обзор». После ввода гражданином всех необходимых документов соответствующий специалист банка рассматривает электронное обращение. Гражданину, обратившемуся с заявлением, сообщают о дате и времени посеще-



pyndan elektron doldurylan ýüzlenmä seredýär we arza bilen ýüz tutan raýata banka gelmeli senesi, anyk sagady habar berilýär. Şeýle hem, raýat bellenen wagtynda hereket edýän kadalaşdyryjy namalara laýyklykda talap edilýän resminamalaryň asyl nusgalaryny alyp gelýär.

Bu bolsa müşderilerimize karzyň görnüşini öz mümkinçiligine görä ugruny saýlamaga we wagtynyň tygşytlanmagyna ýardam berer.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklary esasynda, Türkmenistanyň bank ulgamyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan giň gerimli işleriň netijesinde bank hyzmatlarynyň täze görnüşleri ildeşlerimize yzygiderli hödürlenip, milli töleg ulgamynyň mümkinçilikleri artdyrylyp, ýurdumyzyň karz edaralarynyň bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrylýar.

**Gülnäz JUMAMYRADOWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB-niň
Daşoguz welaýat şahamçasynyň
Amallar bölüminiň Hasaba almak we amallar
toparynyň hünärmeni

ния банка. Также гражданин приносит с собой оригиналы требуемых документов с соответствии с действующими нормативными актами.

Это позволяет клиентам выбирать кредитное направление в зависимости от их возможностей и сэкономить время.

В результате проводимой масштабной работы по внедрению в банковскую систему Туркменистана цифровых технологий на основании поручений уважаемого Президента нашим соотечественникам предлагаются новые виды банковских услуг, повышаются возможности национальной платежной системы, конкурентоспособность кредитных учреждений страны.

**Гулназ ДЖУМАМЫРАДОВА,**
специалист группы учета и операций отдела
Операций ГКБ Туркменистана «Дайханбанк»
в Дашогузском велаяте

# KIÇI GÖWRÜMLI KARZLARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe uly özgerişlikleri başdan geçirýän Garaşsyz hemişelik Bitarap Watanymyz bedew bady bilen ösüşiň täze belentliklerine batly gadam bilen öňe barýar. Hormatly Prezidentimiziň çuňňur oýlanyşykly, syýasaty netijesinde döwletimiz gysga döwrüň içinde çalt depginler bilen ösýän ýurtlaryň sanawynda mäkäm orun eýeläp, dünýäniň hojalyk gatnaşyklar ulgamyna üstünlikli goşulýar.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzyň bank ulgamynda durnukly durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmäge, hyzmatlaryň hilini has-da kämilleşdirmäge uly mümkinçilikler döredilýär. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzda pul-karz syýasatyny alyp barmak, ýurdumyzda maliýe bazaryny düýpli ösdürmek, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, pul-karz dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazaryň isleglerini kanagatlandyrmak we beýlekiler babatda anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny karzlaşdyrmak bilen bir hatarda, bellenilen tertipde bölünip berilen melleginde (ýer böleginde) şahsy hojalygyny ýöredýän

# Важное значения микрокредита

В эпоху могущества и счастья, наша независимая нейтральная Родина, переживающая большие перемены и стремительно быстрым темпом движется к новым вершинам развития страны. В результате глубоко продуманной и дальновидной политики уважаемого Президента Туркменистана, наше государство в короткий промежуток основательно закрепилось в числе развитых стран мира и успешно вошло в мировую систему хозяйственных отношений.

Под мудрым руководством уважаемого Президента, создаются большие возможности для обеспечения устойчивого социально-экономического развития банковской системы нашей страны и дальнейшего повышения качества услуг. Осуществляя денежно-кредитную политику и основательное развитие финансового рынка в нашей стране в соответствии с «Государственной программой развития банковской системы Туркменистана на период 2011-2030 годы», «Программой развития экономической, финансовой и банковской систем Туркменистана на период 2019-2025 годы», широко внедряются цифровые технологии в банковскую систему, путем влияния на состояние денежно-кредитного обращения, решаются конкретные задачи для удовлетворения потребностей рынка и других задач стоящих перед банковской системой.

Наряду с кредитованием различных секторов экономики, кредитные организации Туркменистана продолжают предоставлять микрокредиты гражданам,

raýatlara kiçi göwrümli karzlaryň berilmegi dowam etdirilýär. Ýagny, raýatlaryň ýerlerde alyp barýan şahsy hojalyklaryň sanynyň we işleriniň artmagy netijesinde bazar gatnaşyklarynyň we milli ykdysadyýetimiziň ösmegine, häzirki zaman telekeçilik ulgamynyň emele getirilmegine, hususy bölegiň oba hojalyk, azyk, ýeňil senagat we hyzmatlar ulgamynda ösdürilmegine ýardam berýär. Mundan başga-da içerki bazardaky bäsleşikli gurşawyň üpjün edilmegine, ilatyň girdejisiniň artmagyna mümkinçilik döredip, ýurtda azyk bolçulygyny döretmäge amatly şertleri döredýär, şeýle hem degişli ugurlar boýunça hereket edýän kärhanalar üçin goşmaça çig mal üpjünçilik binýadyny emele getirýär hem-de ony pugtalandyrmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda Lebap welayatymyzyň çäginde berilýän karzlaryň möçberi hem barha artýar. Welaýatyň çägindäki bank şahamçalary tarapyndan raýatlara 30 (otuz) müň manada çenli möçberde kiçi göwrümli karzlar ýyllyk 10 göterim bilen, 3 ýyla çenli möhlete (alty aý ýeňillikli döwri bilen) berilýär. Karz serişdeleri önümçiligi guramak, ösdürmek we giňeltmek; önümleriň göwrümini artdyrmak; oba hojalyk tehnikasyny satyn almak; mal ýataklaryny we fermalary gurmak, abzallary, gurallary satyn almak; mallary, balyklary we öý guşlaryny satyn almak; mallar we öý guşlary üçin ot-iýmleri, weterinariýa serişdelerini satyn almak; ösümlikleri ýetişdirmek, tohumlary, mineral dökünleri, şitelleri we agaç nahallaryny satyn almak arkaly bu ugurda önümçiligi alyp barmak maksatlaryna berilýär.

Ýurdumyzda kiçi göwrümli karzlaşdyrma ulgamyny ösdürmek hem-de bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, şeýle hem bellenilen tertipde bölünip berlen melleginde (ýer böleginde) şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara goldaw bermek maksady bilen Lebap welaýatymyzyň bank şahamçalary tarapyndan 2020-nji ýylyň başyndan häzirki döwre çen-

ведущим собственное хозяйство в личных подсобных хозяйствах (земельных участках), выделенных в установленном порядке. То есть, увеличение количества и активности частных домохозяйств на местах, способствует развитию рыночных отношений и национальной экономики, формированию современной бизнес-системы, развитию частных участков в системе сельского хозяйства, пищевой и легкой промышленности и в сфере услуг. Это также благоприятно влияет на среду для создания продовольственного изобилия во внутреннем рынке, способствует созданию конкурентной среды на внутреннем рынке, увеличению доходов населения, а также созданию и укреплению дополнительной сырьевой базы для предприятий, работающих в соответствующих направлениях.

В настоящее время увеличивается объем кредитов, выдаваемых на территории Лебапского велаята. Микрокредиты на сумму до 30 (тридцати) тысяч манатов предоставляются гражданам в филиалах банков на территории велаята под 10 процентов годовых и на срок до 3 лет (с льготным периодом до шести месяцев). Кредитные линии предоставляются на: организацию, развитие и расширение производства; увеличение объема выпускаемой продукции; покупку сельхозтехники; строительство животноводческих угодий и ферм, закупку оборудования, инструментов; покупку скота, рыбы и домашней птицы; закупка кормов, ветеринарных препаратов для скота и птицы; для выращивания растений, покупку семян, минеральных удобрений, посадочного материала и саженцев деревьев в целях ведения производственной деятельности в этих направлениях.

В целях развития системы микрокредитования в стране и расширения сферы банковских услуг, а также для поддержки

li jemi 557 sany müşderä 11620 müň manat möçberinde kiçi göwrümli karzlar resmileşdirildi. Olardan 2020-nji ýylyň dowamynda 428 sany müşderä 9335 müň manat, 2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna bolsa 129 sany müşderä 2285 müň manat möçberinde berilen kiçi göwrümli karzlara degişlidir.

Ýakyn gelejekde hem, welaýatymyzyň bank şahamçalary tarapyndan 2875 sany müşderä 62 780 müň manatlyk kiçi göwrümli karzlary bermeklik meýilleşdirilýär. Bu görnüşli karzlardan şahsy hojalyklaryň peýdalanmagynyň netijesinde bazarlary-myzyň, hojalyklarymyzyň öz topragymyzda öndürilýän ýokary hilli et, gök-bakja hem-de süýt önümleri bilen has doly üpjün edilýändigi aýratyn nygtarlyklydyr.

Raýatlarymyzy bagtyýar durmuşda ýaşatmak boýunça ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Bägül AKMYRADOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Lebap welaýat şahamçasynyň Ykdysady seljeriş
we jemleýiş bölüminiň baş hünärmeni

граждан, ведущих собственное хозяйство в личных подсобных хозяйствах (земельных участках), выделенных в установленном порядке филиалами банков Лебапского велаята с начала 2020 года по настоящее время оформлены микрокредиты на сумму 11620 тысяч манатов. Из них 9355 тысяч манатов было выдана 428 клиентам в течение 2020 года и 2285 тысяч манатов 129 клиентам по состоянию на 1 марта 2021 года.

В дальнейшем филиалами банков нашего велаята планируется выдать микрокредиты на сумму 62 780 тысяч манат 2875 клиентам. Важно отметить, что в результате использования таких кредитов частными хозяйствами наши рынки и хозяйства будут более полно оснащены высококачественным мясом, овощами и молочными продуктами, произведенными на их собственной земле.

Желаем здоровье и долгих лет жизни Герою-Аркадагу, осуществляющий неустанные заботы во имя счастливой жизни наших граждан во благо народа и укрепление экономической мощи страны!

**Багуль АКМЫРАДОВА,**
главный специалист отдела Экономического
анализа и свода Центрального банка
Туркменистана в Лебапском велаяте

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1апреля 2021 г.**




**2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2021 г.**




**2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 апреля 2021 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 апреля 2021 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 апреля 2021 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.04.2020 | 01.01.2021 | 01.04.2021 | 01.04.2021<br>01.01.2021-e, %-de | 01.04.2021<br>01.04.2020-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 4 | *80,0* | *80,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 4 | *133,3* | *133,3* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 2 | 2 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralaryň hyzmat edýän müşderileriniň sany**<br>Количество обслуживаемой клиентуры кредитных учреждений | sany / ед. | **5 702 055** | **5 752 002** | **5 856 736** | 101,8 | 102,7 |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | **8 164,3** | **8 167,0** | **8 193,8** | *100,3* | *100,4* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **5 671,2** | **6 035,7** | **6 043,6** | *100,1* | *106,6* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan, karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **13 787,06** | **12 243,10** | **7 535,86** | *61,6* | *54,7* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредиты кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **61 847,6** | **70 322,80** | **71 556,36** | *101,8* | *113,7* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **39 377,05** | **39 289,33** | **36 170,18** | *92,06* | *91,9* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2021-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2021 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 9 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» DTB**<br>ГКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **50** | 7 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **31** | 4 | 7 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **«Senagat» PTB**<br>АКБ «Сенагат» | **13** | 1 | 2 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
